# Jemgyýetçilik çüýremesi nirä çenli?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jemgyýetçilik çüýremesi nirä çenli? JEMGYÝETÇILIK ÇÜÝREMESI NIRÄ ÇENLI?



*Illýustrasiýa: Gary Waters / Ikon Images*

Respublikanyň gurulmagynynyň 101-nji ýylyny belleýän şu günlerimizde yza gaňrylyp seredenimizde, bir asyrlyk tagallasyna garamazdan Türkiýäniň şindizem Günbatar standartlarynda birinji synply derejeli demokratik hukuk döwleti bolup bilmändigini görýäris.

Dogrusyny aýtmaly bolsa, Türkiýe demokratiýalaşma babatda beýleki musulman ýurtlaryna garanda ep-esli menzil aşdy, ýöne Atatürküň aýdan ösen medeniýet derejesine ýeterden entek kän-kän uzakda. Şu meselede çepçisinden sagçysyna, dünýewisinden

dindaryna çenli jemgyýetiñ ähli gatlaklarynyñ pikiriniñ birdigini aýdyp bolar.
Ähli gündogarly musulman halklary ýaly türklerem baştutanyna çokunýan, edaralaryñ we sistemanyñ sazlaşykly işinden zyýada şahsy işlere üns berýän, kada-kanunlaryñ ýagdaýa görä egilip-bükülmegine ýan bermeýän jemgyýet. Şeýledigi üçinem bu ýurtda kada-kanunlar şahsyñ eýeleýän ornuna, pozisiýasyna we häkimiýet bilen gatnaşygyna laýyklykda edil suwuñ gabyñ şekiline girişi ýaly şekilini üýtgedýär. Munam hiç kim geñ görmeýär. Şonuñ üçin Türkiýede ýönekeý raýatlar wezipeli adamlara ýakyn durjak bolup jan edýärler.
Hemmeler tanaýan deputatyna, häkime, arçyna ýa-da etrap polisiýa bölüminiñ başlygyna ýakyn durmaga, onuñ bilen tanyşlygyny güýçlendirmäge synanyşýar.
Sebäbi şeýdýän adamlar başyna bir iş düşende ýa-da gerek bolanda problemasyny çözjegiñ kada-kanunlar däl-de, wezipeli adamlar bilen açylan tanyşlykdygyny bilýär.
Tanyşlyk gatnaşygyndaky ýakynlyk we sowgat-peşgeş nähili ýygy bolsa, işiñi bitirtmek ähtimallygy-da şonça ýokary.
Anadolydan ýygy-ýygydan gelýän adamlar topar-topar bolup Ankara gelip, deputatlary we ministrler bilen görşüp, işlerini iñ ýokardan çözmäge synanyşýar.
Uludan-kiçä hemmeler bu ýurtda şular ýaly etmeseñ hiç bir işiñ bitmeýänini bilýärler. Bu duşuşyklaryñ we gatnaşyklaryñ ahyrynda Ankaradan häkim, kaýmakam (arçyn), polisiýa bölüminiñ başlygy ýaly ýerlerdäki ýolbaşçylara buýruk gidýär we şeýtmek bilen kanunlaryñ döreden päsgelçiligi dem salymda ýok edilýär.
Türkiýede hemme döwür hem karizmatiki liderler orta çykýar we giñ köpçülik gatlaklaryny yzyna eýerdýär. Edil Demirel, Ejewit, Erdogan ýaly…
Köpçülik bu liderlere hudaýa çokunýan ýaly çokunýar, saýlawlarda ses bermek bilen olary hemişe häkimiýetde saklaýar. Ýöne lider wezipeden gidende ýa-da aradan çykanda onuñ partiýasy şobada syýasat sahnasyndan sumat bolýar.
Birmahallar Türkiýäniñ syýasat sahnasynda kök uran «Anavatan», «Doğruyol», «Demokratik Sol» ýaly partiýalaryñ ýerinde häzir ýel öwüsýär.

Ertir Erdogan sahnadan çekilende ýigrimi ýyldan gowrak wagt häkimiýeti elinde saklap gelen AKP-niñ başyna geljeklerem şondan üýtgeşik bolmaz.
Liderler häkimiýet başyna gelenlerinde döwletiñ syyasatyny ýa-da döwlet edaralaryny öz dünýägaraýyşlaryna görä täzeden gurnaýar, öz islän ugruna gönükdirýär.
Şeýlelikde Türkiýede her häkimiýet döwründe milli bilim maksatnamasy döwrüñ talap edýän zerurlyklaryna görä däl-de, häkimiýetiñ öñe sürýän talaplaryna görä üýtgeýär. Döwlet edaralaryna işini oñarýan işbaşarjañ adamlar däl-de, häkimiýetiñ aýdan-diýeninden çykmaýan sowatsyz we bähbitparaz adamlar ýolbaşçy bellenýär. Şoñ üçinem iki-ýekesi bolaýmasa, wezipe eýeleri ýolbaşçylyk eden döwrüniñ soñunda baýap wezipeden gidýärler.
Bu ýagdaýy jemgyýetde ýadyrgamak beýlede dursun, gaýtam doly oñlanýar we öñden gelýän däp hökmünde adamlaryna ganyna ornap gidipdir. Gepleşik dilimize ýaýran «Bal tutan barmagyny ýalar» nakyly munuñ iñ aýdyñ görkezijisi bolsa gerek.
Hukuk goraýjy edaralar we sud hem elmydama hem-de hemme döwürde häkimiýetiñ tarapynda. Ýurtda bolýan her dürli masgaraçylygyñ we dawa-jenjeliñ garşysynda haýrana goýýan we ýüzüñi ýere salýan sessizlige bürenen sud häkimiýetiñ göwnüne ýaramaýan ýagdaý ýüze çykanda, guýrugyna basylan ýaly şobada bir ýerden çykyp, alkymyñdan tutýar. Şeýlelikde häkimiýeti tankyt etmäge ýa-da hakykatlary öwrenmäge milt eden ýazyjylar, žurnalistler, raýat-jemgyýetçilik guramalarynyñ wekilleri gijäniñ bir wagty öýlerine dökülip tussag edilýär, palan terrorçy guramasyna agza bolmakda we jemgyýetçilik tertip-düzgünini bozmakda aýyplanyp jogapkärçilige çekilýär.
Bu bolsa täze žurnalistlik ugrunyñ döremegine, başgaça aýdanda häkimiýete ýallaklaýan tarapgöý žurnalistleriñ, ýazyjylaryñ, hünärmenleriñ döremegine getirýär. Bular ýaly adamlar galamlary bilen häkimiýete hyzmat etseler hem-ä başlaryna bela inmejegini, hemem işlerinin howpsuz boljagyny, üstesine horjun-horjun pul gazanjaklaryny bilýärler. Şeýlelidke mediýada düýn «hojaependi» diýenine şu gün «terrorçy» diýýän bir süri ýallakçy žurnalistsumaklardyr ýazyjysumaklar,

howpsuzlyk hünärmensumaklary, professorsumaklardyr doktorsumaklar, sebit analitiksumaklar ekranda jort atmaga başlaýar. Bu adamlar 180° ugruny üýtgedende ýüzleri gyzarmaýar, jemgyýetem olary el çarpyp garşylaýar. Şular ýaly gylyk-häsiýeti we däbi bolan jemgyýetiñ we döwletiñ birinji derejeli demokratik hukuk döwleti bolup bilmegi mümkin däl. Türkiýäniñ 100 ýyllyk respublikan tejribesi muny açyk-aýdyñ orta goýdy.
Üns beriñ, Türkiýe 57 ýurtdan ybarat yslam dünýäsiniñ demokratiýalaşma we şahsy hak-hukuklar, ykdysadyýet we syýasat ýaly hemme ugurda iñ ösen döwleti. Iñ öseninde ýagdaý şular ýaly bolsa, galanlarynyñ ýagdaýyny özüñiz pikir ediberiñ…
Gynansak-da, Türkiýe soñky ýyllarda siwilizlenen kada-kanunlar taýdan öñe gitmegiñ deregne yza tesýär. Ýagdaýyñ özgerjekdigine umyt bildirip boljak hiç zat ýok. Türkiýäniñ döwlet edara-kärhanalaryndaky çüýreme we ýabanylaşma az bolýan ýaly jemgyýetçilik gurluşy-da bozulmaga başlady. Indi bu ýurtda her bir ugurda aldawçylyk, kezzaplyk, hilegärlik örç alyp ýaýraýar. Hiç kimem muny geñ gõrenok.
Jaý, awtoulag, kärhana satylanda ýa satyn alanda garşyñdakyny aldamak, ony sokmak söwdanyñ ukyp-başarnygy, işiñe ezberlik hökmünde görülýär we oñlanýar. Ýa-da kyn ýagdaýdaky birinden elindäki zady itiñ mugtuna satyn almagy özlerine nep bilýärler. Hiç kim munuñ ahlak tarapy bilen gyzyklanmaýar.
Türkiýe gaty gijä galmanka şeýle jemgyýetçilik çüýremäniñ öñüne bent basmaly bolar. Diñe döwlet we hökümet hökmünde däl, jemgyýet bolubam.
Ýogsam bolmasa yza dolap bolmajak sepgide gelip ýetendigimizi bilenimizde hemme zat üçin gijä galandygymyzy bileris, ýöne soñ peýdasy bolmaz.

Esedulla OGUZ,
Germaniýada ýaşaýan türkiýeli türkmen žurnalisti.

Çarşenbe, 06.11.2024 ý. Publisistika